# Baý bolanyň üçinmi, ýa…

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baý bolanyň üçinmi, ýa… **Has Türkmeniň Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**



Şenbe, 27.05.2023 ý.
Islendik meselede üçünji tarap bolup baha kesmek, pelsepe ýüwürtmek aňsat. Emma özüňe gezek gelende welin, başgalara kesýän akylyň, ýüwürtýän pelsepäň aradan aýrylýar. Munuň şeýledigine kitaplardan birnäçe mysal getirse bolardy. Ýöne beýtmän, öz gören zatlarymy beýan etsem has gowy bolar.
Asly biziň obamyzdan bolan we öň gowy wezipelerde işlän Bäşim aga diýen biri birküç ýyllykda türmede öz janyna kast etdi. Görgüli az-owlak çydan bolsa "Günä geçişlige" hem düşüp, boşap geljek ekeni. Elbet, ýüregi howlap, ýalançynyň azabyndan bahymrak dynaýyn diýendir-dä, bilemok…
Giçlik işden çykamda, käte dükanyna sowlup kofesini içip geçýän klasdaşym bar. Ol ýaňky özüne kast eden ýaşulyň garyndaşlaryndan. Birküç ýyllykda namaza hem başlansoň, hemme zada düşünýändirin, pähim-paýhasyň depesini deşendirin öýdýär. Ol bir gürrüňçilikde öz janyna kast eden adamyň ölüsini hristianlaryň hem gonamçylykdan daşda jaýlandyklaryny, munuň oňa berilýän gabyr azabynyň azary beýleki ýatanlara ýetmesin diýen pikir bilen şeýdilendigini, bizde häzir muňa üns

berilmeýändigini, gaýtam, Bäşim aganyň jynazasynda obadan mekdep ýaşyndaky çagalara çenli gelendigini, munuňam düýp sebäbiniň onuň baý-barjamly adam bolandygy üçindigini, garyp biri ölse şeýle köp adamyň gelmejekdigini aýdypdy. Men onuň bu gürrüňini halamasamam, sesimi çykarmandym.

Aý aýlandy, gün geçdi. Ýaňky klasdaşymyň özünden uly dogany arada ýaşaýan ýerindäki polisiýa edarasynyň içinde öz janyna kast edip aradan çykdy.

Mundan meniň habarymam ýokdy. Ol daňdan maňa jaň edip, şeýle ýagdaýyň bolandygyny hem aýtman, hamana şahsy çaparyna til kakýan ýaly “Habaryň bardyr-a?” diýdi. “Nämeden habarym bolmaly?”. Soň ol şeýle-şeýle ýagdaýyň bolandygyny aýtdy. Ýüregim gyýylyp gitdi. Gyýylanda etjek zadyň barmy. Boljak iş bolan. Ýöne bärde göwnüme ýakmadyk zat onuň “Göwnüme bolmasa, bärde bir zat bar, nobatçy wideokamerany görez diýsemem şobada görkezip bilmedi. Ýa üýtgedip, montaž zadam edibilýärlermikä? Gaýrat edip, şo taýda şu boýunça näme üýtgeşiklik bolsa maňa ýetirsene” diýmesi boldy. Birinjiden-ä, ol ýerde şübhelener ýaly zat ýokdy. Dünýäň azabyndan dynan görgüliň özi öň alty sapar jenaýat jogapkärçiligine çekilen. Daşoguz welaýatyna arakhorlaryň ugradylýan biraýlyk ýatymlaýyn bejergisine we Tejen şäherindäki bir ýyllyk mejbury zähmet-bejeriş profilaktoriýasyna näçe gezek ugradylanynyň sanyny-ha özem bilýän däldir. Şeýtjegini hem eýýäm gündizden öz tirkeşýänleriniň ýanynda pyşgyrypdyr.

Ikinjidenem, bärde şübhelener ýaly bir zat bar bolaýanda-da, bir ýerdäki gep-habaryň bardygyny-ýokdugyny başga birine ýetirmerin-ä? Özüni sylaýan adam hijem gep gatnatmaýar. Şular ýaly gepi özüne diýeňde “Men näme kazýolmy?” diýjek oglanyň, muny maňa diýip durşuna sögünmän zordan saklandym.

Elbetde, soň oňa wideokamerany hem görkezdiler. Muňa garamazdan ol nämüçindir maňa awusyny pürkesi gelip durdy. Bu barada aşagyrakda aýdaryn, ýöne ondan bärde jynazada göwnüme ýakmadyk käbir zatlaryň üstünde durup geçesim gelýär.

Obadaş bolansoň, jynaza menem gatnaşaýyn diýip, olaryň öýüne ýetip barýarkam (gelşiksizem bolsa aýdaýyn), atdanlykda ýel sypdy. Şeýdibem täretim bozuldy. Meniň jynaza durmadyklar

bilen bir gyra çekilip durmaklykdan başga alajym galmady.
Hemişe iliň-günüň ýasyna ylgap ýören başga bir obadaşlarymyzyň biri (soňky “hajy agalardan”) gyra çekilip duranlara: “Siz näme dursuňyz, jynaza gatnaşyň, gatnaşmajak bolsaňyz nämä gelýärsiňiz, tomaşa etmägemi?” diýip azgyryldy.
Elbetde, şolar ýaly ýere bardyňmy, jynaza dursaň gowy, ýöne özümiňem ýaňky ýagdaýymdan görnüşi ýaly, her kim her hili ýagdaýda bolýar. Kim täret alyp ýetişen däldir, kim eşden badyna ylgap gelendir, kim okap bilýän däldir we ş.m. Köpçüligiň öňüne düşýän adamyň özi bu zatlara düşünmeli, giň pikirlenmeli, adamlary ýagşy amala çagyranyňda, igenmän mylakatlylyk bilen çagyrmaly. Ýogsam bolmasa, gepläňde agzyňdan altyn saçylyp duranam bolsa, seni diňlejek ýok. Şeýle ýerliksiz igenmeler adamlaryň arasyna bölünişik salýar, öwrenäýjek-edäýjek zadyndanam sowaşdyrýar.
Adam gözüni bir ýumansoň, jynazaňa kim gelende nä, gelmände nä… Dindar adamlaryň ilki şoňa düşünmegi gerek. Nijeme din ýolunda ölen şehitler bar. Jynazasy-da bolman, şolaram ölüp gidipdir. Ýöne olar şehit hem-de jennetlik. Tapawudymyz şunda. Dünýä porsap ýatyr, biz bolsa, gynansak-da, ölen günümizem köplügiň, ryýagärligiň, özümizi görkezmegiň ugrunda çyr-çytyr.
Merhumyň üçüne görünmäge gidenimde-de almytymy alyp gaýtdym. Öň “şundan dynmadygaý” diýip ýören agasy ölenden soň gerek bolan klasdaşym “Nobatçylaryň üstünden arz etsem näder? Iň bolmanda işinden-ä kowarlar?” diýip maňa ýüzlendi. Men onuň bu bet niýetine geňirgendim, ýöne syr bildirmejek boldum. Ýöne garşa sorag berip goýar ýerde goýmansoň: “Näme etjek arz edip? O taýda olaryň hiç hili günäsi ýog-a. Biriniň eden işi üçin ýamanlyk edilse, özüňe ýararmy? Öz janyna kast etme boýunça işe prokuratura seredýär. Bolmanam, ahyrynda nobatçyň ýüzündenem sypalyp goýlasy ýok. Olara-da dogry düşün” diýdim.
Soň oturyp ynjalygym bolmady. Köşeşmeden geçen klasdaşym “Arz etjek diýdim welin, öz üstüňden arz etjek diýen ýaly ýüzüň üýtgäp gitdi, durasyň gelmedilaý, otur-da, nirä barýaň?” diýip, öňküden beter bujurygy çykdy. Şol ýerde, şolar ýaly pursatda oňa jogap gaýtarsaň-a, onuňça-da bolmadygyň. Onsoňam näme, ol häzir ýüregi ýaraly adam. Şolar ýaly pursatda adama

göwünlik berilýär, gaňryşyna gaýdylmaýar. “Ýok-la, işim bar, ýene gelerin. Arz edesiň gelse-de özüň bilýäň, öz hukugyň…” diýdim-de çykdym. Ýedisine baramda-da, “sag bol” hem diýesi gelmän ýüzüni sowup dur. Geň galdym. Bärde bütin bu zatlara meniň näme dahylym barka? Başga biri öz janyna kast edende-hä, “şeýden adama jynaza hem düşmeýär, gonamçylykda-da jaýlanmaýar” diýip oturan adam, nämüçin hut şeýle ýagdaý öz başyna düşende şol pikirinde galyp bilenok? “Bäşim aga baý bolansoň şonça köp adam gatnaşdy” diýenem bolsa, şoň patasyna görnenleriň barsy bularyňkyda-da bardy. Ýogsam bolmasa, şol adamlaryň birem Bäşim aganyň baýdygy üçin jynazasyna gatnaşmandy. Häzir ýagşyňa-ýamanyňa bir-ä öz ýagşysyna-ýamanyna baran ýeriň gelýär, birem senden ýagşylyk gören adamlar gelýär.
Dogry, seniñ sosial derejäñe görä toýuña-ýasyña gatnaşýanlaram az däl. Ýöne kim şeýle pikir bilen gapyñy kakýan bolsa, bul eýýäm onuñ öz kemçiligi. Seniñki däl. Munuñ üçin kemsinmegiñ geregi ýok, hem edil şolar ýaly pursatda – başyñ musybetli güni munuñ pikirini etmek ýagşy päliñ alamaty däl.
Giñ pikirlenmegi, öz başyňa düşen işde beýlekileň işine baha berşimiz ýaly pozisiýada pozitiw baha bermegi, özümiz üçinem üçünji tarap bolup galmagy köpimiz başarmaýarys. Şoňa magat göz ýetirdim.

- **Awtor hakda**

*Has Türkmen ýurdumyzyñ Garrygala etrabynyñ Kürüždeý obasynda dünýä indi.*
*Ýokary okuw jaýyny hukukçy hünäri boýunça okap gutardy.*
*2018-nji ýylda işläp başlan we giñ okyjylar köpçüligine niýetlenen* ***kitapcy*** *edebi-çeper saýtyny döretmegiñ esasy inisiatorlarynyñ biri bolup, häzirki wagta çenli hem şol saýty dolandyryp gelýär.* Nukdaýnazar